**TASSYLAÝARYN**
**Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň başlygy ________ G.Atanyýazow**

# TÜRKMENISTANYŇ SUWDAKY SPORT GÖRNÜŞLERINIŇ FEDERASIÝASY

## TÜRGENLER KOMITETI

### Düzgünnama

Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň Türgenler komiteti (mundan beýläk “Komitet”), Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň Tertipnamasyna we Halkara Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň “Türgenler komiteti” baradaky görkezmelerine laýyklykda döredildi.

1. **Komitetiň wezipesi:**

Komitetiň wezipesi türgenleriň pikirlerini öňe çykarmak we Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynda türgenleriň sesleriniň diňlenmegini üpjün etmek bolup durýar.

2. **Komitetiň maksatlary:**

Komitetiň maksatlary şulardyr:

a. Türgenler bilen baglanyşykly meselelere seretmek we Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasyna maslahat bermek;
b. Suw howuzlarynda, sport meýdançalarynda we daşynda arassa türgenleri goraýan we goldaýan başlangyçlara we taslamalara işjeň gatnaşmak;
ç. Türgenleriň hukuklaryna we bähbitlerine wekilçilik etmek, şeýle hem Halkara Sport Arbitražy Geňeşine (ICAS) wekil bellemek ýaly degişli teklipleri bermek;
d. Halkara Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň Türgenler komiteti we Türkmenistanyň Milli olimpiýa komitetiniň Türgenler geňeşi bilen aragatnaşyk saklamak.

3. **Komitetiň düzümi:**

a. Komitetde Türkmenistanyň raýatlaryndan ybarat bolan (azyndan bäş) agzalary bolmaly. Olar 16 ýaşy dolan we Bütindünýä dopinge garşy göreş kodeksi bilen baglanyşykly hiç hili çäklendirme almadyk bolmaly.

b. Komitetiň agzalyga saýlanjak we (ýa-da) dalaşgär hökmünde hödürlenýän, Suwdaky sport görnüşlerine girýän sport görnüşi boýunça milli derejede çykyş edýän ýa-da soňky sekiz ýylyň dowamynda suwdaky sport görnüşinde çykyş eden türgenleriň köplüginden ybarat bolmaly.

ç. Komitet, Suwdaky sport görnüşleri boýunça geçirilen Dünýä Çempionatynyň soňky bäşisiniň birine gatnaşan azyndan iki (2) türgenden ybarat bolmaly.

d. Komitetde iki jyns hem wekilçilik edilmelidir we jynslaryň arasynda adalatly deňlik bolmaly.

e. Komitetiň agzalarynyň köplügi olaryň deň-duşlary tarapyndan saýlanmaly.

f. Komitetiň başlygy, Komitete öz deň-duşlary tarapyndan saýlanan agza bolmaly we Komitetiň agzalary tarapyndan we olaryň arasyndan saýlanmaly.

g. Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasy tarapyndan, zerur bolan ýagdaýynda, Komitetde jyns ýa-da sport nukdaýnazaryndan adalatly deňligi üpjün etmek we (ýa-da) şu maddanyň b we ç bentlerinde görkezilen şertleri ýerine ýetirmek üçin goşmaça agzalar bellenip bilner. Bellenen agzalar azlyk bolmaly.

h. Komitetiň işi dört ýyl dowam edýär. Ol gaýtadan saýlanyp ýa-da täzelenip bilner.

i. Aşakdakylar, Komitetiň resmi ses berýän agzalarydyr:
- Halkara Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň Türgenler komitetiniň islendik Türkmenistanly agza türgeni;
- Türkmenistanyň Milli Olimpiýa komitetiniň Türgenler geňeşiniň islendik Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleri federasiýasynyň agza türgeni.

## 4. Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleri federasiýasynda Komitetiň wekilçilik etmegi

Komitet, Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň maslahatynda, Olimpiýa oýunlarynyň soňky üçüsiniň birine gatnaşan ýa-da Suwdaky sport görnüşleri boýunça geçirilen Dünýä Çempionatynyň soňky bäşisiniň birine gatnaşan türgenleriniň arasyndan Komitet tarapyndan saýlanan iki agza (bir erkek we bir zenan) ses bermek hukugy bilen wekilçilik edilýär.

Komitet, Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň Ýerine ýetiriji komitetinde, onuň Komitet tarapyndan (Komitete deň-duşlary tarapyndan saýlanan agzalarynyň arasyndan) saýlanan agzalaryň biri (başlygy hem bolup biler), Ýerine ýetiriji komitetde ses bermek hukugy bilen wekilçilik edilýär.

## 5. Komitetiň ýygnaklary

a. Komitetiň ýygnagy ýylda azyndan bir gezek geçirilmelidir;

b. Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasy Komitetiň ýygnagynyň geçirilmegini üpjün etmelidir.